# rɷňkli

Dekabr, 2023

# Mazmuny

Saian, hip-hop we täze nesil şahyrlar ..... 03
**Baýram Agaýew** ýazdy

“Napoleon”, “Arzuw” hem-de “Maestro” – ekranyň täze filmleri ..... 05
**Ussa Hajyýew** ýazdy

Taýyn ýol, meşhur familiýa: bir moda dünýäsine üç Hadid köp dälmi?! ..... 08
**Selbi Selimowa** ýazdy

Üç täze film, biriniň prodýuseri Obama ..... 11
**Ussa Hajyýew** ýazdy

Bir depderiň baýramçylyk döwrüne edip biljek täsiri ..... 13
**Agagül Amirkukowa** ýazdy

Ýylyň soňky menýusynda 5 film bar ..... 15
**Ussa Hajyýew** ýazdy

Täze ýyly ekologik garşylamak üçin näme etmeli? ..... 19

AÝDYM-SAZ



# Saian, hip-hop we täze nesil şahyrlar

Baýram Agaýew

Aýdym-saz bilen şygyr müňlerçe ýyl bäri biri-biriniň kemçiligini örtüp, ýetmeýän ýerlerini dolduryp gelýärler. Şonuň üçin köplenç aýdymlarda ikisine aýry baha bermek kyn gelýär. Elbetde, soňky ýyllarda şahyrlar öňler bolşy ýaly meşhurlygyny ýitirdi. Emma bu şahyrlaryň azalandygyny aňlatmaýar. Hiç bir zat soňsuz däl, şeýle hem islendik zat özüniň barlygyny dowam etdirmek üçin ewolýusiýa geçirmeli bolýar. Meniň teoriýam – şahyrlar hem şol prosesden geçýär. Bu argumentimi has berkitmek üçin gysga makala seriýasyny ýazmak isledim we şu wagt okap başlan makalaňyz, agzap geçen seriýamyň birinji bölegi.

Şahyrlar we goşgular mainstreamden düşdi; muny kabul etmekde kynçylyk çekýän adam ýokdyr diýip pikir edýän. Goşgular özüniň formasyny üýtgedip, aýdym-saz industriýasyna tarap ýol alyp başlady. Sözlerime subutnama hökmünde hip-hop aýdymlaryny görkezip bilerin. Ýadyňyzda bolsa, täze zatlardan gorkýan ähli adamlar 2000-nji ýyllaryň başynda birinji gezek rap aýdym diňlänlerinden soňra **“Eý, bu aýdym däl-ä. Prosto, saza goşgy okaýar-a”** diýipdiler. Ana, şol hem agzap geçen ewolýusiýamyň başlangyjydy. Soňky wagtlarda, ýaş şahyr ýok diýip alada etmek gerek däl. Ýaş şahyrlar şol manyly aýdymlar çykarýan aýdymçylar boldylar. Meniň tanyşdyrmak isleýän aýdym-saz industriýasynda uly işler edýän şahyr diýip boljak artistlerim, möjek-jäjek, refrain söýgi sözlerini ýazýan adamlaryň kyrk tamdyr çörek iýseler hem ýetip bilmejek adamlary. Şonuň üçin ýeri gelende ýene bir gezek belläp geçeýin, gowy aýdym diňlemek isleýän bolsaňyz pop aýdymlardan biraz uzak duruň.

> Söýgi barada ýazýan şahyrlar we söýgi barada ýazylan goşgulary garalamak niýetim ýok, bular ýaly goşgylar, şygyr bilen ýaňy tanşyp başlan ýetginjekler, çagalar üçin erbet däl.

Indi, birinji tanyşdyrmak isleýän artistime geleliň – **Saian Sakulta** sahna ady bilen tanalýan türk hip-hop artisti. Hip-hop bilen gyzyklanyp birinji albomuny 2005-nji ýylda çykarsa hem 2009-njy ýylda çykaran **“Battle Royal”** albomy bilen has tanalyp başlady. 2007-nji ýylda çykaran **“Sıkı Dur Geliyorum”** atly sosiýal-politik albomy, onuň soňraky çykarjak eserleriniň peçaty boldy.



Bu seriýamyzda şygyrlara we sözlere üns bersek hem Saianyň aýdymlarynyň beatleri sözlerinden öňe geçmese yza galanok. **“Sıkı Dur Geliyorum”** albomynyň hemme aýdymlarynyň sazlarynyň hemmesi oldschool masterpiece. Köp aýdymlarynyň sazlaryny özi düzse hem türk hip-hopunyň legendasy bolan beatmaker **Da Poet** bilen bilelikde çykaran eserleri köp.

2010-nji ýylda çykaran “Dilimizi Biliyor” atly albomyndaky **“Feleğin Çemberine 40 Kurşun”** atly aýdymy, **Zumer**-iň 2012-nji ýylda çykaran **“Adym”** aýdymyna hem ylham berdi. Saian beren interwýusynda şygyra we goşgy ýazmaga bolan höwesiniň esasy sebäbkärleriniň türk şahyrlary **Nazym Hikmet** we **Ismet Özeliň** şygyrlarydygyny aýdyp geçýär. Öz durmuşynyň kyn döwürlerinde hem ýaşamak üçin güýjüni goşgulardan alýandygyny aýdyp geçýär. Bu aýdanlarynyň subutnamasy hökmünde **“Kangren”** atly aýdymynda aýdyp geçişi ýaly, elinden hiç zat gelmejegini, bir zatlary üýtgetmäge güýjüniň ýetmejegini bilip, iň azyndan özüniň barlygyny belli etmek üçin goşgy ýazandygyny aýdýar.

Saian aýdymlarynyň sözlerini özi ýazýar we arada bir edebiýatyň beýik ussatlarynyň eserlerinden alnan sözlemlere gabat gelmek bolýar. Beýik şahyrlaryň we ýazyjylaryň sözlerini ulanýanlygy üçin birnäçe gezek Saiana garşy kritika gelipdi. Şahsy pikirime görä, onuň aýdymlarynda ussatlaryň eserlerinden bir-iki bölek almasy, onuň söz baýlygynyň pesligini görkezmän, eýsem onuň şol ussatlara garşy görkezýän sylagy hasap edýän.

KINO



# “Napoleon”, “Arzuw” hem-de “Maestro” – ekranyň täze filmleri

Ussa Hajyýew

Taryhda ýagşydan-ýamandan yz galdyran şahsyýetler, imperatorlar, belli-belli adamlar baradaky filmler hemişe hemmäniň üns merkezinde bolýar. Ençeme ýyl ozal ýaşap geçen şol şahsyýetleriň durmuşyna ekranda tomaşa etmegiň özbolușly lezzeti bar. Elbetde, wakalaryň dogrulygy iň esasy zat bolup durýar.

Birnäçe gün öň 86 ýaşy arka atyp, agtyklary bilen gümra bolup ýörmeli meşhur režissýor Ridli Skott sungata berlen ömründe ýene bir iri taslamany surata düşürdi. “Gladiator”, “Jennet şalygy” (Kingdom of Heaven), “Robin Hood”, “Çykalga: Taňrylar we şalar” (Exodus: Gods and Kings, 2014), “Iň soňky duel” (The Last Duel, 2021) ýaly taryhy wakalary beýan edýän filmleriň ussat režissýory Ridli Skottuň Napoleon baradaky kinony ekranlaşdyrmak islegi 3 ýyl öň başlapdy.

> **Agramly bölegi Beýik Britaniýada, şol sanda Fransiýadyr Maltada surata düşürilen filmiň ssenarisini režissýoryň 5 ýyl öňki “All the Money in the World” filminiň hem-de geljek ýyl ekranlara çykjak “Gladiator 2” filminiň ssenariçisi Dewid Skarpa ýazdy.**

Filmde baş keşbi režissýoryň “Gladiator” filminde Kommodusyň keşbini janlandyran oskarly aktýor Žoakin Finiks ýerine ýetirýär. Režissýor aktýoryň “Joker” filmine tomaşa edeninden soň onuň  Napoleonyň keşbini hem janlandyrmalydygy barada pikir gelýär. Filmde Finiksden başga-da Wanessa Kirbi (Žozefiniň keşbini), fransiýaly belli aktýor Tahar Rahim (Pol Barras) dagy bilen bir hatarda, Rupert Ewerett, Ben Maýlz, Ludiwin Sanier ýaly artistler dürli keşplerde surata düşdi. Filmiň sazyny britaniýaly kompozitor Martin Fillips ýazdy.

**Ekran eseriniň býujeti barada anyk maglumat berilmän 130-200 million dollar aralygynda diýlip bellenilýär.** Film bilen baglanyşykly iň esasy tehniki ýagdaý hem onuň dowamlylygydyr. Kino 157 minutlyk görnüşde prokatlara ýaýradyldy. Ýöne "Apple" şereketi filmiň prokatlardan soň "Apple+ TV" streaming platformasynda 4 sagatlyk "director's cut" görnüşiniň görkezijekdigini habar berdi. Ýagny adaty prokatlardakydan 83 minut köp bolar. Filmiň ekranlara çykanyna 20 gün bolup gelýär we ol häzirlikçe 140 million möçberinde girdeji gazandy.

Film baradaky umumy maglumatlardan soň, onuň bilen baglanyşykly gürrüňlere geçeliň. Filmiň taryhy görnüşde bolmagy onuň derejesini ýokarlandyrýar. Ýöne "Arabystanly Lawrens" ýaly nusgawy kinonyň, hatda, režissýoryň öňki meşhur filmleri – "Gladiator", "Jennet şalygy" ýaly ekran eserlerine hataryna-da baranok. Emma şonda-da film ýylyň iri taslamalarynyň biri bolup, esasan hem uruşly sahnalary has şowly çykypdyr.

Film baradaky jedelli gürrüňleriň köpüsi fransuzlardan gelip çykýar. Olar ilki bilen-ä filmiň diliniň fransuzça däldigi bilen baglanyşykly az-owlak öz nägileliklerini bildirýärler. Ýene bir gürrüň hem käbir wakalaryň hakykat gabatlaşmaýandygy aýdylýar. Partnýory Wanessa Kirbi bilen ysnyşykly keşp janlandyran Hoakin Finiksiň Napoleona görä, ýaşynyň ulurakdygy hem aýdylýan nägileliliklериň hataryna bar. Ýagny Napoleonyň 20 ýaşlaryndaky keşbini hem 49 ýaşyndaky Finiks janlandyrýar. Başga-da fransuz kinotankytçylar filmi az-owlak içgysgynç hem-de anti-fransuz diýlip baha berdiler.

Filmde adyndanam hem belli bolşy ýaly, **Napoleonyň ýaşajyk esgerlikden imperatorlyga çykyşy, onuň Žozefin bilen gatnaşygy, maşgala durmuşy, çylşyrymly we galagoply şahsy durmuşy barada söhbet açylýar.** Umumylykda filme berlen baha pes bolman, o diýen ýokary hem däl. Ýöne elbetde, hemme zat birýana, filme režissýory üçin, baş keşbini janlandyryjy aktýory üçin, şol bir wagtyň özünde taryhy şahsyýetleriň durmuşy barada azda-kände bir zatlar öwrenmek üçin hem tomaşa etse bolar.

**2-nji täze ekran eserimiz animasiýa bolup,** bu ugruň iň öňdebaryjysy Disney-iň her ýyl çykarýan mýuzikal multfilmleriniň ýene biri bolan **"Arzuw" (Wish)** animasiýadyr. Kris Bak hem-de Fawn Weerasunthornyň bilelikde surata düşüren animasiýasynyň hem býujeti 200 million dollara golaý bolup, ol häzirlikçe 85 million dollar töweregi girdeji gazandy. 95 minutlap dowam edýän animasiýanyň baş gahrymanlaryna

Ariana DeBos, Kris Paýn, Alan Tudyk ýaly artistler ses berýär. Aýdym-sazy bolan animasiýada ýaňlanýan aýdymlaryň köpüsini Ariana DeBos-yň özi seslendirýär.




Aşa atly 17 ýaşly gyz ähli dilegleriň, arzuwlaryň hasyl bolan şalygy Rosasda ýaşaýar. Ol bir zat dilese, dilegi, islegi dessine ýyldyzlaryň hem kömegi bilen hasyl bolýar. Ýöne bir gün Aşa we onuň Star atly ýyldyzjygy güýçli duşman bilen ýüzbe-ýüz gelýär we şonda olar öz güýçlerini birleşdirmeli bolýar...




**3-nji täze filmimiz "Maestro" diýlip atlandyrylýar.** Soňky ýyllarda re-žissýorlyga ädim eden meşhur aktýor Bredli Kuperiň täze filminde (onda-da aýdym-saz älemine degişli temalarda kinolar düşürýär) baş keşbi onuň özi janlandyrýar. 2 sagat-dan gowrak wagtlap dowam edýän filmiň ssenarisini Kuperiň özi Joş Singer bilen bilelikde ýazdy. Ekran eserinde baş keşbi Kuperiň özi (Leo-nard Bernstaýn), onuň ýanýoldaşy-nyň keşbini-de Kareý Malligan (Felisia Montealegre) janlandyrýar. Ençeme sagatlyk makiýaždan Bern-staýnyň keşbine bürenýän Kuperiň ady Oskar ugrunda hem agzalýar.

Netflix-iň önümi bolan bu awtobio-grafik filmde amerikaly meşhur kom-pozitor Leonard Bernstaýn we kosta rikaly ýanýoldaşy Felisia Montea-legreniň bilelikdäki galagoply dur-muşy barada gürrüň berilýär. Bernstaýnyň syýasy garaýşy, ýerine ýetiren sazlary filmde açyk beýan edilýär. Aktiwist hem bolan Bern-staýn "On The Waterfront" filmi üçin ýazan sazlary oňa Oskar baýragyny hem gazandyrýar.

MODA



# Taýyn ýol, meşhur familiýa: bir moda dünýäsine üç Hadid köp dälmi?!

Selbi Selimowa

**Häzirki wagtda moda dünýäsinde şeýle ýagdaýlar bar. Meselem, öňräkden bäri öz wagtynda dünýä meşhur bolan modeller barýan şüweleňlerine, moda görkezişlere ýanlary bilen gyzlaryny hatda ogullaryny hem eltip başladylar. Modellerçe gözellik hemme kişä nesip edip durmy nä?!** Şol nesip etmedikleriň içinde modelleriň gyzlary hem bar. Alyp görsek, 90-njy ýyllaryň moda ýyldyzy Kristen Makmenaminiň gyzy Lili.

«Men Kristen Makmenaminiň gyzy» diýmese, hiç kim oňa ünsem bermezdi. Emma ejesiniň gyzy bolany üçin, oňa sereden kişi, iň bolmanda, ýekeje-de bolsa onda ejesine meňzeşlik tapýar, hatda ol ýogam bolsa. Şeýdip, Lili ejesiniň saýasynda model bolup gidiberýär. Onuň nädürs ýerleşen dişleri zerarly doly ýapylmaýan agzy-da muňa hiç hili päsgel bermeýär...

Ýa-da, aýdaly, 90-njy ýyllaryň naýbaşy modelleriniň biri Sindi Krouford. Şol wagtlar köp kişi Sindiden owadan model bardyr diýip pikirem etmezdiler. Emma olar onuň gyzy Kaýýa Gerberi gören bolsadylar, onda şolbada ýalňyşýandyklaryna düşünerdiler. Dogulanda ejesinden hem owadan doglan Kaýýa

eýýäm 10 ýaşynda «Versace-niň» çaga eşiklerini mahabatlandyryp başlaýar. 15 ýaşynda ejesi bilen bile «Vogue» üçin surata düşýär. Häzirem onsuz ýeke moda hepdeligi-de geçenok.
Kaýýanyň işleriniň beýle şowlamagy geň däl, çünki ol tebigat tarapyn owadan, modellerçe gözel. Ýöne içiňi ýakaýyn diýýän ýaly, Kaýýa Lili Makmenami ýaly gelşiksiz bolmasa-da, barybir onuň üstünliklerini ejesiniň adyna ýelmeýärler. Hatda munuň üçin ýörite delil hem tapýarlar. Moda dünýäsinde özüniň aýgytly pikirleri bilen tanalýan IMG kasting-direktorlaryň biri Jeýms Skalli şeý diýýär:

> **Kaýýa gaty owadan. Ýöne biziň häzirki moda biznesimiz beýle gözelligi kabul edip bilmeýär. Eger ol Sindi Krouforduň gyzy bolmasady, onda Raf Simonsyň gözüne-de ilmezdi. Sebäbi Kaýýanyň daş keşbi «CalvinKlein-e» gelişýän sypat däl. Beýleki dizaýnerlerem edil Raf Simons ýaly, ilki bilen, ol ejesiniň gyzy bolany üçin şertnama baglaşýarlar. Ýöne wagty geler, ol öz gözelliginiň güýjüni görkezip biler diýip umyt edýän.**

Ine-dä, adamlar owadan bolsaňam, bir gep tapýalar, owadan däl bolsaňam. Barybir, seniň ene-ataň oza meşhur bolsa, onda özbaşdak şahsyýet bolmagyň kynlaşyberýär.

Moda dünýäsiniň Hadidlerin-ä hemmämizem bilýändiris?! Häzirki wagtda Jiji bilen Bella Hadid iň köp ykrar edilen modelleriň öňdäki hatarlaryny eýeleýärler. Bularyň taryhy-da şeýleräk manyda. Bir tapawutly tarapy, olaryň meşhur model bolmaklaryna ejesi däl-de, kakalygy sebäp bolýar.

Gyzlaryň ejesi Ilona Hadidiň öz wagtynda belli model bolandygy dogry. Ol öz tanymallygyndan peýdalanyp, Pol Marçiano bilen kontrakt başlaşýar we gyzy Jijini heniz iki ýaşyndaka «Baby Guess-iň» mahabatlarynda surata düşürdýär. Ýöne Jiji iki ýaşynda wagty dörän bu mümkinçilikden ulalansoň peýdalanjak bolmaýar. Ol ejesi bilen kakasynyň aýrylyşmagy zerarly ünsüni sowmak üçin okuwa, atçylyk sportuna yhlasly ýapyşýar. Haçanda ejesi üstünden 11 ýyl geçirip, 16 «Gremminiň» eýesi prodýuser Dewid Fostere täzeden durmuşa çykandan soň, ýuwaş-ýuwaş moda dünýäsine dolanyp gelýär. Kakalygy Jiji bilen Bellanyň elinden tutup, şou-biznesiň abraýly şüweleňlerine äkidýär. Şeýdibem, iki ýaşynda moda dünýäsinden giden Jiji oňa 17 ýaşynda gaýdyp gelýär.

Şol öňki Marçiano bilen kontrakt baglaşyp, şol öňki «Guess-iň» italýan görnüşi «Vanity Fair» üçin surata düşýär. Jiji şonda  öz Instargram sahypasynda «Bir gezek we hemişelik - «Guess-iň» gyzjagazy 15 ýyldan soň täzeden işe başlady» diýlen ýazgy goýýar.  Şeýle ruhubelent başlasa-da, moda dünýäsinde «özüniňki» bolaýmak Jijä wagtynda ýetdiräýenok. Ol tä 2014-nji ýylda  Karin Roýtfeld özüni moda kitabynyň daşky sahypasy üçin surata düşürýänçä kän bir göze ilmeýär. Soň şol suratyň üsti bilen Tom Forduň ünsüne mynasyp bolýar. Onsan soň yzly-yzyna kontraktlar, teklipler gelip başlaýar.

Garaz, eýdýär-beýdýär, meşhurlyga ýetmegiň kynçylykly taraplaryny Jiji çekýär. Bellanyň öz  dogany Jijiniň taýyn ýolundan moda dünýäsine gelmegi bolsa, onuň üstünlige tiz ýetmegine sebäp bolýar. Jijiniň onlarça ýylda ýeten meşhurlygyna bir ýylda ýeten Bellanyň doganynyň suratlarynyň gapdalyna özüniň hem suratlaryny goýup paýlaşma häsiýeti bar. Ol şeýdip, özüniň doganyndan asla kem däldigini subut etmek isleýär. Ýöne nähilem bolsa iki uýanyň ady, hamana biri-birine ýelmeşen ýaly. Biriniň ady tutulsa, beýlekiniňkem tutulýar, ýa-da, iň bolmanda ýadyňa düşýär. Şonuň üçin olar aýratynlykda däl-de, bilelikde göz öňüňe gelýär. Netijede bolsa, ne Jijiniň gözellligi, ne-de Bellanyň gözelligi öz artykmçlygyny görkezip bilýär.

Mundanam beteri, soňky döwür olaryň ýanyna ejebaşga doganlary Alana hem goşuldy. Bizde «Kyrk ýaşyňdan soň dutar öwrenip, ony görüňde çaljakmy?» diýilýär. Alana hem kyrk ýaşynda modellige baş goşdy. Ol şu ýylyň tomsunda Kopengagende geçen moda hepdeliginde , öz aýdyşyna görä, hamana diýersiň, «tötänden» podiuma çykdy. Özem birnäçe gezek. Şeýdip, indi Hadidler üç bolaýdylar…

Alananyň kyrk ýaşdan soň modelýer bolmagy hakda öz pikirini aýdyp, teswir ýazýanlara ol: «Men yzdan öňe ýaşaýaryn. Bu şeýlebir hezil!» diýip jogap ýazýar. Onsoň pikir edýärsiň: **«Dagy hem hezildir! Taýyn ýol, meşhur familiýa… »**

KINO



# Üç täze film, biriniň prodýuseri Obama

Ussa Hajyýew

### “POOR THINGS”

Täze filmler makalamyzdaky ilkinji ekran eseri “Poor Things” diýlip atlandyrylýar. Alasdair Greýiň adybir romany esasyndaky filmi türkmen dilinde “Görgüli betbagtlar” diýip atlandyrsa bolar. Ýylyň iň şowly çykan kinolarynyň hatarynda görkezilýän bu ekran eserine gresiýaly meşhur hünärmen **Ýorgos Lantimos režissýorlyk edýär. Soňky ýyllaryň öňe saýlanan 50 ýaşly režissýoryň “Dogtooth”, “The Lobster”, “The Killing of Sacred Deer”, “The Favourite” ýaly ençeme baýrakly kinolary bar.**

2 sagatdan gowrak wagtlap dowam edýän filmde baş keşbi oskarly aktrisa Emma Stoun janlandyryp, onuň ady ýene-de kino sungatynyň iň arzyly heýkeljigi üçin agzalýar. “La La Land” filmindäki keşbi bilen Oskar gazanan Stoun režissýoryň “The Favourite” filminde-de surata düşüpdi we režissýoryň indiki kinosynda-da esasy keşbi ýerine ýetirer.

**80-nji Wenesiýa film festiwalynda baş baýragy – “Altyn ýolbarsy” gazanan filmde Stouna Mark Ruffalo, Willem Defo, Remi Ýussuf, Kristofer Abbott, Katrin Hanter, Margaret Kualli ýaly artistler ýoldaşlyk edýär.**

Filmiň Oskara dalaşgär bolup, hatda baş baýragy alyp biläýjek kinolaryň biri hasaplanýar. Altyn globusa dalaşgär görkezilen ekran eseriň birnäçe baýrak gazanmagyna garaşylýar. Romantik hem-de ylmy-fantastik žanrlary özünde jemleýän ekran eseri belki käbir tomaşaçylaryň göwnünden turman biler. Ýöne Ýorgos Lantimosyň muşdaklary üçin ullakan hazyna bolup, filme tomaşa eden bilermenleriň hemmesi diýen ýaly ýokary baha berýär. Şol sanda film adaty tomaşaçylaryň hem köpüsinden öwgüli sözlere laýyk görüldi.

Filmde Bella atly zenan gynançly ýagdaýda aradan çykýar. Şondan soň doktor Bekster onuň beýnisini bäbegiň beýnisi bilen çalşyp, onuň täzeden durmuşa gaýdyp

gelmegine sebäp bolýar. Şondan soň Beksteriň goldawynda Bella daş-töweregindäki zatlary, durmuşy öwrenmek üçin gezelenje çykýar. Bellanyň ýoly ökde ýöne azda-kände tertipsiz adwokat Wedderburn bilen gabatlaşýar. Olaryň ikisi özboluşly wakalary başdan geçirýär...

## “LEAVE THE WORLD BEHIND”

2-nji filmimiz “Leave the World Behind” bolup, “Dünýäni yzda galdyr” diýlip terjime edilinip bilinjek kinonyň prodýuserleriniň arasynda Barak hem-de Mişel Obama dagy hem bar. Säm Esmail tarapyndan surata düşürilen film Netflix-iň önümi bolup, kinoda ýyldyz oýunçylar – oskarly Julia Roberts, Itan Hawke, oskarly aktýor Maherşala Ali, Kewin Bakon ýaly belli artistler dürli keşpleri janlandyrýar. Özboluşly film amerikaly ýazyjy Rumaan Alamyň 2020-nji ýylda çapdan çykan adybir eseri esasynda ekranlaşdyryldy. 141 minutlyk film Nýu Ýorkdaky Long Island-da surata düşürildi.



Filmde ýaş maşgala iki çagasyny-da alyp, hepdäniň ahyrky 2 gününi Long Island-da dynç almak üçin şol ýerden öý kärendesine tutýarlar. Aslynda hemme zat gül ýaly başlasa-da, agşam wagtlarynda öý eýeleriniň gelmeginiň ýönelige däldigi ýüze çykýar. Şondan soň sebäbi doly bilinmese-de, bulam-bujarlyklar, başagaýlyk başlanýar.

Aslynda filmde aýdyljak bolýan esasy zat, adamzadyň dünýä beren zyýany. Filmi öwýänlerem az däl, käbir babatda döwýänlerem. Umuman alnanda filme ediljek kinolaryň biri.

## “WONKA”

3-nji filmimiz hem belli edebiýat eseri esasynda bolup, ol “Wonka” filmidir. Gönümel edebiýat eserinden bolmasa-da, bu ekran kino Roald Dalyň “Çarli we şokolod fabrigi” atly çagalar romanynyň gahrymany Willi Wonkanyň aýratynlykda filmidir. Aslynda bu ekran eseri Dalyň romany esasynda ekranlaşdyrylan 3-nji janly kinodyr. Ilkinjisi 1971-nji ýylda “Willi Wonka we şokolad fabrigi” diýlip, 2-njisi hem 2005-nji ýylda belli režissýor Tim Börten tarapyndan, Jonni Deppiň baş keşpde surata düşmeginde “Çarli we şokolod fabrigi” ady bilen kinoteatrlara ýaýradylypdy.
Pol Kingiň režissýorlyk edýän filminde baş keşbi Timoti Şalame janlandyryp, Oliwiýa Kolman, Hýu Grant, Matt Lukas, Rowan Atkinson,

Salli Hawkins ýaly belli artistler hem bu kinoda surata düşdi. Mýuzikal we fantastik žanryna degişli filmiň býujeti 125 million dollar bolup, ol 1 hepdäniň dowamynda 170 million dollardan gowrak kassa ýygymyny toplady. Şowly çykan film hasaplanýan ekran eseriň ssenarisini režissýoryň özi Saýman Farnabi bilen bilelikde ýazdy. Baş keşbi janlandyran aktýora Altyn globusyň dalaşgärlerini gazandyran filmde Willi Wonkanyň Ýewropa gelip, şokolod fabrigini açmakçy bolanda başdan geçiren kynçylyklary dogrusynda söhbet açylýar. Bilermenlerdenem, tomaşaçylardanam ýokary baha alan filme tomaşa eden mahalyňyzda ýanyňyza bir guty şokolad almagy hem ýatdan çykaraýmaň.



# Bir depderiň baýramçylyk döwrüne edip biljek täsiri

Agagül Amirkukowa

EKO MODA



Täze ýyl agşamyny her bir zenan arassa öýde we owadan lybaslarda, şähdi açyk garşylamak isleýär. Emma täze ýylyň öň ýany hemmäniň aladasy ýetikdir. Yagny, aýyň 16-20-sine çenli tabşyrmaly hasabatlardyr resminamalar, yz ýany alynmaly sowgatlar, edilmeli söwdäler; öýüňem bezäp ýetişmeli, saçagyňam. Arasynda işdeşleriňdir joralaryň bilen üýşmeleňe-de gidip ýetişmeli. Ýöne bulara nädip ýetişmeli?

Amerikan blogerlerinden öwrenen birnäçe zatlarymy şu makalada siz bilen paýlaşmak isledim. **Ýagny Täze ýyl stresindan nädip gutulmaly?**

Men öz golaýymdaky zenanlaryň tejribesinden hem bilşim ýaly, adatça täze ýyla taýýarlyk hökmünde biz ýönekeý kagyzda alynmaly harytlaryň sanawyny ýazýarys. Bu sanawyň kömegi gaty az bolsa-da, käbir adamlar hatda şony hem edenok. Netije bolsa artyk satyn alnan harytlar, ýatdan çykan zatlar. Men size şu ýyl hakyky "Täze ýyl meýilnamasyny döretmegi maslahat berýärin. Onuň peýdasy gaty uludyr, ol zenanyň baýramçylygyň öň ýanynda edip ýetişmeli ähli işlerini tertipleşdirmäge kömek edýär. Depderi/bloknody öz islegiňiz boýunça Täze ýyl tematikada bezäp bilersiňiz. Depderde ilki bilen aşakdaky soraglary ýazyp, olara jogap beriň:

**1)** Şu ýyl öýümiň bezeginiň maksady ýa-da temasy näme?
**2)** Men şu ýyl bezeglerde haýsy reňkleri ulanmakçy?
**3)** Men haýsy otaglary bezemekçi?

Soňra indiki sahypalarda her otag üçin bar bolan pikirleriňizi, ideýalaryňyzy ýazyň. Satyn alynmaly harytlary hem goşuň. Her otag üçin sahypanyň ýarysyny ulanyň, sahypanyň başynda otagyň adyny ýazyň, ony tapawutlandyryň. Meselem:

**1)** daşky jaý;
**2)** myhman jaýy;
**3)** ýatylýan jaý.

Indiki sahypada umumy bezeg üçin gerekli zatlaryň sanawyny ýazyň. Öýüňizde Täze ýyl howasyny döredýän müşkdir öý parfýumyny satyn almagy ýatdan çykarmaň.

**Täze ýyly iň hezil baýramçylyk edýän zat sowgatlardyr.** Iň soňky minutda "Näme sowgat bermeli?" diýen alada düşmezlik üçin öňünden 15-20 minudymyzy sarp edip, indiki sahypalarda "Alynmaly sowgatlaryň" sanawyny ýazalyň. Ony "Ady, býudjet, sowgat edip bolaýjak zatlar" diýen görnüşde dolduralyň. "Brainstorming" edip bolansoňyz, umumy bir sanaw düzmeli, ýagny sahypany "Ady, Sowgat, Satyn alyndy, Gaplandy" diýen sütünlere bolüp, ony dolduryň.

Adatça siz kimi Täze ýyl baýramçylygy bilen gutlaýarsyňyz? Men size şu ýylky sanawyňyza durmuşyňyzy ýeňilleşdirýän, hyzmat etme gullugy ulgamynda işleýän adamlary goşmagy maslahat berýärin. Endi Willýamsyň aýdymdaky aýtmagyna görä bu ýylyň iň täsin wagtymyşyn. Şonuň üçin söýgüli baristaňyzy ýa-da dükanda hemişe ýylgyryp garşylaýan kassiriňizi gutlamagy ýatdan çykarmaň!

Indi bolsa Täze ýyla taýýarlygyň iň süýji bölümine geçeliň. Indiki sahypada "Täze ýyl menýusy" diýip ýazyň, ony "salatlar, esasy naharlar içgiler we ş.m."

diýen bölümlere bölüň. Hersine öz pikirleriňizi ýazyň. Ýaş çagalar bar bolsa, olar üçin aýratyn 1-2 tagamy goşmagy ýatdan çykarmaň.

Suratçylar köplenç fotosessiýa düşürip bolaýjak kadrlarynyň mysallaryny kollaj hökmünde çykaryp getirýärler. Menem şu pikiri öz aşhanam üçin ulanýaryn. Internetde gowy gören tagamlarymyň suratlaryny kollaj edip çykarýaryn. Bu maňa howlukman, aljyraman taýýarlamaga kömek edýär.

Menýu düzülen soň, onuň esasynda alynmaly harytlaryň sanawyny düzmeli.

Indi bolsa siziň we maşgala agzalaryňyzyň geýjek eşiklerini taýýarlamak wagty. Täze ýyl üýşmeleňine, okuwlaryndaky baýramçylyklaryna, Täze ýyl agşamy geýjek egin-eşiklerini şu wagtdan taýýarlap başlasaňyz, nerw ulgamyňyz Size uly "Sag bol!" aýdar.

Bar zady kelläňizde tertipläp bolansoňyz, maşgalaňyz bilen bile etmek isleýän zatlaryňyzyň sanawyny düzüň. Meselem: bile arçany bezemek, Täze ýyl fotosessiýasy we ş.m.

**Şu ýönekeý maslahatlar bilen baýramçylyk döwrüni rahat geçirip bilersiňiz diýip umyt edýärin.**




# Ýylyň soňky menýusynda 5 film bar

Ussa Hajyýew

2023-nji ýylyň iň soňky täze filmler makalasynda 3-4 sany täze ekran eseri barada gysgaça, gyzykly maglumatlary siziň dykgatyňyza ýetirmekçi.

## Aquaman and the Lost Kingdom

Ilkinji filmimiz "Akwamen we ýitirilen şalyk" diýlip atlandyrylýar. Hollywood-yň iki öňdebaryjy hyýaly gahryman temaly film öndüriijisiniň biri "DC Studios"-yň önümi bolan filme Jeýms Wan režissýorlyk edýär. Hytaýly-malaýziýaly ene-atanyň perzendi bolan 46 ýaşyndaky Wan "Saw" ("Byçgy") filmi bilen karýerasyna başlap, soňlugy bilen birnäçe gorkunç kinolary surata düşürdi.

Akwamen filminiň 1-njisini hem ekranlaşdyran režissýoryň täze kinosynda esasy keşpleri Jeýson Momoa, Patrik Wilson, Ämber Hörd (Jonni Depp bilen bolan skandaldan soň filmde surata düşmezligi üçin ýörite kampaniýa hem geçirilipdi), Ýahýa Abdul-Matin II, Rendall Park, Dolf Lundgren, Nikol Kidman dagy ýerine ýetirýär.

Ylmy-fantastik, uruşly žanryň bir görnüşi bolan film üçin 205 million dollardan gowrak çykdajy edildi. Şol çykdajynyň 130 million dollardan gowragyny toplan filmiň ssenarisini Dewid Lesli Jonson MakGoldrik ýazdy. 124 minutlap dowam edýän film "Warner Bros." kompaniýasynyň Londondaky studiýasynda ekranlaşdyryldy.

Filmde Black Manta kakasynyň aryny almak üçin ykjam şaýyny tutýar. Ol Akwameniň ýoguna ýanmak üçin gara üç dişli naýzanyň güýjünden peýdalanýar. Akwamen bolsa garaşylmadyk güýçler bilen güýjüni birleşdirmekden başga alajy galmaýar. Ol tussaglykdaky agasy, Atlantisiň ozalky şasy Orm bilen bile hereket etmeli bolýar.

Bu film hem soňky ýyllardaky "superhero" filmleriniň ykbalyny paýlaşýar. Ýagny filme bilermenleriň beren bahasy umumylykda ýokary däl. "Action" kino hökmünde, belli artistleri özünde jemleýän eser hökmünde tomaşa etse bolar. Ýöne adaty tomaşaçylardan filmi halanlaryň sany az däl. Umumylykda 1-nji filme garanyňda, pes hasaplanýan filmiň prokatlardan gazanjagy 300 million dollara-da ýetme diýlip çaklanylýar.




## American Fiction

2-nji filmimiziň ady "American Fiction" ("Amerikan hekaýasy") bolup, bu ekran eseri ony Kord Jefferson surata düşürdi. Bu režissýoryň ilkinji uzyn metražly kinosydyr. Jeffri Raýt baş keşbi, şol sanda Treesi Ellis Ross, Issa Rae, Jon Ortis, Sterling K. Brawn ýaly artistleriň surata düşen komediýa-drama görnüşli filmi ähli babatda ýylyň şowly çykan ekran eserleriniň hatarynda görkezilýär.

Gatnaşan festiwalyndan baýraksyz gaýtmadyk kinonyň Jeffri Raýta Oskar dalaşgärligini hem gazandyrmagyna garaşylýar. Altyn globus, Critics' Choice baýraklarynyň dalaşgärligine hödürlenen film Toronto kino festiwalynda baş baýragy aldy. Bu festiwalyň ýeňijileriniň ozal ençeme gezek Oskarda iň gowy film saýlanandygyna-da köp şaýat bolupdyk. Amerikaly ýazyjy Persiwal Ewerettiň Erasure atly romany esasynda ekranlaşdyrylan filmde häzirkizaman medeniýetimizde ynsanlary biderek stereotaýplara, galyplara salşymyzy barada söhbet açylýar. Raýt filmde Monk atly ýazyjynyň keşbini ýerine ýetirýär. Ol tahallus ulanyp, “Gara” atly kitap ýazýar. Şol kitabyň üsti bilenem ikiýüzlüligiň, kemsidilmegiň jümmüşine eltýär..

Ýylyň iň köp baýrak gazanjak kinolarynyň biri hökmünde görülýän film bilermenlerdenem, tomaşaçylardanam ýokary baha aldy. Ýagny hökman tomaşa edilmeli kinolaryň biri.

## Ferrari

3-nji ekran eserimiz, “Ferrari” filmidir. Adyndan hem belli bolşy ýaly, italýanlaryň dünýä belli sport ulagy Ferrari awtomobillerini esaslandyryjy Enzo Ferrari baradaky filmi ussat režissýor Maýkl Mann surata düşürdi. “The Last of the Mohicans” (1992), “Heat” (1995), “Ali (2001), “Collateral” (2004) “Public Enemies” (2009) ýaly köpleriň söýgüsini gazanan kinolaryň režissýoryň täze ekran eserinde baş keşbi – Enzo Ferrariniň keşbini Adam Draýwer janlandyrýar. Oňa Şailin Wudli, Penelope Kruz, Sara Gadon, Patrik Dempsi, Jäk O'Konnell ýaly belli artistler ýoldaşlyk edýär. 95 million dollar býujetli kinoda Ferrariniň şahsy durmuşy, maşgala ýagdaýy, awtoulagy esaslandyryşy barada söhbet açylýar. Filmiň ssenarisini amerika žurnalist Brok Ýeýtsiň “Enzo Ferrari: The Man, the Cars, the Races, the Machine” atly eseri esasynda Troý Kennedi Martin ýazdy.

Film baradaky käbir belliklere seretsek, italýanlar Adam Draýweriň italýançasyny kän bir halamandyr. Gala görkezilişi Wenesiýa film festiwalynda geçirilen ekran eseriniň surata düşüriliş işleri Italiýanyň Modena, Breşiýa ýaly şäherlerinde alnyp baryldy. Filmi ähli zady biryaňa goýsak, režissýoryň hatyrasy üçin tomaşa edäýmeli...



## Memory

4-nji kinomyz, “Memory” filmidir. Meksikaly režissýor Mişel Frankonyň surata düşüren kinosy drama žanrynyň nusgasy bolup, onuň ssenarisini režissýoryň özi ýazdy. Mişel Franko mundan öň “After Lucia” (2012), “Chronic” (2015), “April’s Daughter” (2017), esasan hem “New Order (2020) ýaly Kannda görkezilen filmler bilen meşhurlyk gazanan ýaş režissýorlaryň biridir.

“Memory” filminde baş keşpleri oskarly aktrisa Jessika Çesteýn bilen Piter Sarsgor, Meritt Wiwer dagy janlandyrýar. Hakyky drama söýüjiler üçin şowly çykan kinolaryň biri bolan bu ekran eseri kinotankytçylaryň göwnünden turup, filmde biri-birilerini söýýän bir jübütiň, är-aýalyň durmuşy barada, olaryň öz aralaryndaky baglanyşygy, ysnyşygy hasam güýçlendirmäge synanyşýarlar. Ýöne şol bir wagtyň özünde-de, ýatkeşlik, huş ýitirme, ynam, ruhy sarsgyn ýaly meseleler bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar...






## Rebel Moon: A Child of Fire – Part One

5-nji film bolsa “Rebel Moon: A Child of Fire – Part One” bolup, ony “Baş göterýän Aý: alawyň perzendi – birinji bölüm” diýip, türkmen dilinde aýtsa bolar. Ylmy-fantastik žanryň ussady Zäk Znaýderiň režissýorlyk eden kinosy “Netflix”-iň önümidir. Režissýor “Dawn of the Dead”, “300”, “Watchmen”, “Batman v Superman: Dawn of Justice”, “Justice League” ýaly filmler bilen adygandyr. Filmde Sofiýa Butella, Jimon Honsu, Ed Skrein, Anttoni Hopkins, Çarli Hannam, Mişiel Huisman dagy surata düşdi.

**Filmiň 2-nji kinosy geljek ýylyň aprel aýynda görkeziler. Umumylykda 2 film üçin 165 million dollarlyk çykdajy edildi.**

Ekran eseriniň temasy gysgaça şeýleräk: Galaktikanyň çetki ujundaky Aýa baryp düşlän Kora ýerli ýaşaýjylar bilen ysnyşyp ýaşap başlaýar. Ýöne ýolbaşçy Balisarius we onuň kömekçisi Nobl obalylaryň öz önümlerini Esasy Dünýä garşy gelýän Bloodakses jemgyýetine satýandyklaryny öwrenýär. Şondan soň obalylar bilen Esasy Dünýäniň arasynda göreş başlaýar. Obalylaryň bar daýanjy Kora bolup, ol uly güýje garşy goýmak üçin başga gözlegleri etmeli bolýar.

Film Zäk Snaýdere garamazdan, ýokary baha alyp bilmedi. Howlukmaç düşürilýän ýaly hasaplanýan ekran eseri elbetde, žanryň muşdaklary üçin gürrüňsiz gyzykly bolup biler.

**Ine bulam, 2023-nji ýyl üçin soňkuja makalamyz, bolup, aslynda, sanawa “The Color Purple”, “The Zone of Interest”, “Dunki” (hindi kino), “The Boys in the Boat”, “Freud’s Last Session” ýaly kinolary hem goşmakçydym. Ýöne makalanyň uzyn boljakdygyny nazarda tutup, 5 filmi ýeterlik hasaplaýaryn. Ähli okyjylarymyzy Täze ýyly bilen gutlap, 2024-nji ýylyň hakyky, manyly, kinematografik alamatlary özünde jemleýän ençeme filmli, serially ýylyň bolmagyny arzuw edýärin.**

# Täze ýyly ekologik garşylamak üçin näme etmeli?




Täze ýyl baýramçylygy adamlara şatlyk getirýän baýram. Ýöne şeýle bolsa-da, bu baýramda bolup geçýän käbir ýagdaýlar zerarly köplenç daşky gurşawa ýakymsyz täsir ýetýär. Eýsem ol ýagdaýlar haýsylar we nädip, Täze ýyly ekologiýa taýdan arassa garşylap bolar?

**1. Täze ýyl arçasy**

Eger-de siz täze ýyl arçasyny bir däl-de, köp gezek ulanmakçy bolsaňyz, onda plastik arçany satyn alsaňyz hem bolar. Ýöne siz arçany bir gezek ulanyp, zibile zyňjak bolsaňyz, onda Täze ýyl baýramy üçin hakyky arça agajyny alyň.

Çünki plastik arça baýram geçenden soň göni gaýtadan işlenilmäge ugradylmasa, ol zibilde çüýräp, töwerege parnik gazy bolan metany ýaýratmak arkaly ekologiýa ýaramaz täsirini ýetirer.

## 2. Şemler we çyralar

Täze ýyl atmosferasyny döretmek üçin şem ýakýanlarymyz az däl. Ýöne olar şemiň nebit önümi bolan parafinden ýasalandygyny ýatdan çykarmaly däldirler. Şonuň üçin, şeýle baýramçylyk pursatlarynda soýa, ary ýa-da kokos mumyndan ýasalan, ekologiýa taýdan arassa şemleri tapyp ýakmak saglyk üçin has peýdalydyr. Çyralar barada aýdylanda, köp sanly simap saklaýan floresan çyralara garanyňda, LED çyralar ekologiýa taýdan has arassa hasap edilýär.

## 3. Sowgatlyk gaplar

Bir gezek ulanylýan kagyz gaplaryň gereksiz galyndylaryň topbagyny döretmezligi üçin täze ýyl sowgatlaryny mata gaba ýerleşdirmek ekologiýa taýdan dogry ädim ätmekdir. Dost-ýar, dogan-garyndaşlar üçin sowgatlar täsin gülli matalardan taýýarlanan  haýsydyr bir zadyň şekilini ýatladýan gaplara salynsa, olar soň hem ulanmak üçin oňaýly bolar. Mata gaba süýjülik sowgatlary salanyňyzdan soň onuň agzyny

## 4. Baýramçylyk saçagy

Baýram saçagynda bolmaly tagamlaryň sanawyny meýilleşdireniňizde, olaryň möçberine üns beriň. Täze ýyl baýramçylygynda aşa köp taýýarlanylan tagamlaryň, salatlaryň iýilmän galyp, isrip bolýandygy gynandyryjydyr. BMG-niň Bütindünýä Azyk Maksatnamasynyň maglumatyna görä, zibile zyňylýar.

## 5. Feýerwerk

Baýramçylyk feýerwerkleri atylandan soň howa hapalaýjy we parnik gazlaryny, ilkinji nobatda bolsa, CO2 we ozony goýberýär. Howa goýberilýän maddalar we tüsse aýratyn-da demgysmaly adamlara zyýan berip biler. Eger feýerwerkler seýilgähiň ýa haýwanat bagynyň golaýynda atylsa, onuň sesi haýwanlarda we guşlarda gönüden-göni stres döredýär. Pirotehniki hapalaýjy maddalar golaý ýerlerdäki suw howdanlaryna düşüp, ony hem hapalap bilerler.